Türkmenistanyň Maliýe we ykdysadyýet ministrliginiň Salgyt müdiriýetiniň Aşgabat şäheriniň Köpetdag etrap Salgyt bölümi tarapyndan
**"BELLIGE ALYNDY"**

№ 21010077

"04" 04 2023ý.

# TÜRKMENISTANYŇ SENAGATÇYLAR WE TELEKEÇILER PARTIÝASYNYŇ TERTIPNAMASY

Hukuk salgysy:

Aşgabat şäheri, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýolynyň 81-nji jaýy.

Aşgabat ş.

2023 ýyl.

I Döredijі Gurultaýyň karary bilen
2012-nji ýylyň 21-nji awgustynda
TASSYKLANYLDY

Üýtgetmeler we goşmaçalar
IV Gurultaýyň karary bilen
2022-nji ýylyň 15-nji dekabrynda
TASSYKLANYLDY

# TÜRKMENISTANYŇ SENAGATÇYLAR WE TELEKEÇILER PARTIÝASYNYŇ TERTIPNAMASY

Aşgabat ş.

## I. Umumy düzgünler.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy Türkmenistanyň Konstitusiyasyna, Türkmenistanyň Kanunlaryna we şu Tertipnama esaslanyp, meýletinlik, deňhukuklylyk ýörelgelerine laýyklykda, öz-özüni dolandyrýan, "Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy: Türkmenistany 2022-2052-nji ýyllarda durmuş-ykdysady taýdan ösdürmegiň Milli maksatnamasyny" durmuşa geçirmägiň çäklerinde ykdysady özgertmeleri amala aşyrmakda, bazar ykdysady gatnaşyklaryny ösdürmekde, maksatnamalary we taslamalary durmuşa geçirmekde hususy telekeçiligiň ösdürilmegini, maýa goýumlaryň höweslendirilmegini, iş ýerleriniň döredilmegini, raýatlaryň döredijilik başlangyçlarynyň höweslendirilmegi ugrunda öz işini alyp barmagyny, şeýle hem Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň pugtalandyrylmagyny, ilatyň durmuş ýaşaýyş derejesiniň ýokarlandyrylmagyny, eýeçiligiň eldegrilmesizliginiň üpjün edilmegini, senagatçylygyň we telekeçiligiň giň gerimde ösdürilmegini, olaryň hukuklarynyň goralmagyny esasy maksat edinip goýýan syýasy partiýadyr.

**1.** Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy ýuridiki şahs bolup, özlerine emläk edinmäge, manatda we daşary ýurt walýutalarynda bank hasaplaryny açmaga, möhürleri, möhürçeleri, blankalary edinmäge bolan hukugyndan peýdalanýar.

Kanunçylyga laýyklykda döredilen we Merkezi Geňeş tarapyndan tassyklanan öz nyşanyny, baýdagyny edinmäge hukugy bar.

**2.** Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy, mundan beýläk “Partiýa”.

Partiýanyň doly resmi ady – “**Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy**”;

Partiýanyň gysgaldylan resmi ady –"**TSTP**";

**3.** Partiýa Türkmenistanyň bütin çäginde meýletinlik, agzalaryň deňhukuklylygy, azlygyň köplüge tabynlygy, kanunylyk we aýanlyk ýörelgeleri esasynda hereket edýär we öz işini Türkmenistanyň Konstitusiyasynyň, “Syýasy partiýalar hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalarynyň esasynda, şeýle-de Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň şu Tertipnamasyna hem-de Maksatnamasyna laýyklykda alyp barýar.

**4.** Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Merkezi Geňeşiniň hukuk salgysy: Aşgabat şäheri, Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy şaýolynyň 81-nji jaýy.

## II. Partiýanyň nyşanynyň ýazgysy.

**5. Partiýanyň nyşanynyň ýazgysy:**

Partiýanyň nyşany sary gaýmaly sekizburçly ýyldyz görnüşindedir. Onuň ýerligi ýaşyl reňkde bolup, ony biri-biriniň içinde ýerleşdirilen sary reňkli sekizburçluk we sary reňkli tegelek emele getirýär.

Nyşanyň merkezinde Türkmenistanyň kartasy ýerleşdirilip, onuň merkezinde çar tarapa şöhle saçyp duran Günüň şekili bar.

Sary reňkli tegelegiň aşaky böleginde halkymyzyň agzybirliginiň we jebisliginiň nyşany bolan bäş welaýatyň haly gölleri ýerleşdirilen.

Tegelegiň merkezi böleginde partiýanyň gysgaldylan "TSTP" ady sary reňkde ýazylandyr.

Sekizburçlugyň ýokarky böleginde sary reňk bilen ýarym aýlaw görnüşinde "Türkmenistanyň", aşaky böleginde sary reňkde ýarym aýlaw görnüşde "Senagatçylar we telekeçiler partiýasy" diýen ýazgylary ýerleşdirilendir.

## III. Partiýanyň maksatlary we wezipeleri.

**6.** Partiýanyň işiniň esasy maksatlary şulardan ybaratdyr:

- Türkmenistanyň Garaşsyzlygynyň pugtalandyrylmagyna, ilatyň durmuş ýaşaýyş derejesiniň ýokarlandyrylmagyna, senagatçylygyň we telekeçiligiň giň gerimde ösdürilmegine goşant goşmak;
- Türkmenistanyň raýatlarynyň syýasy, raýat, ykdysady, durmuş, medeni hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramak;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda saýlawlara we sala salşyklara gatnaşmak, Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlaryna dalaşgärleri hödürlemek.
- hususy eýeçiligiň, telekeçiligiň durmuş-ykdysady ösüş meselelerine goşup biljek goşandy barada jemgyýetçilik pikirini emele getirmek;
- raýatlaryň syýasy düşünjelerini kämilleşdirmek we olary syýasy taýdan terbiýelemek;
- jemgyýetçilik durmuşynyň dürli meseleleri boýunça raýatlaryň pikirini öwrenmek, ony jemgyýetçiligiň hem-de döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň dykgatyna ýetirmek;
- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda saýlawly edaralaryna saýlanan wekilleriniň üsti bilen döwlet häkimiýeti we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň işlerine gatnaşmak;
- ýurdumyzyň ilatynyň ýaşaýyş-durmuş we maddy hal-ýagdaýynyň gowulandyrylmagyna, eýeçilik gatnaşyklarynyň kämilleşmegi bilen senagat pudaklarynyň ösmegine, söwdanyň, önümçiligiň, maýa goýum işiniň höweslendirilmegine ýardam bermek;
- telekeçilik işini alyp barmak üçin amatly şertleriň döredilmegine we bazar gatnaşyklarynyň çuňlaşdyrylmagyna ýardam bermek arkaly hususy telekeçileriň bähbitlerini goramak, senagatçylyga we telekeçilige syýasy goldaw bermek;

**7. Partiýanyň esasy wezipeleri:**

- Türkmenistanyň Prezidentiniň hususy telekeçiligi ösdürmek babatda alyp barýan syýasatynyň durmuşa geçirilmegine, telekeçiligi goldamak boýunça döwlet maksatnamalarynyň işlenip taýýarlanmagyna we onuň iş ýüzünde amala aşyrylmagyna gatnaşmak;

- durmuş meseleleriň döwrüň talabyna laýyk çözülmegi üçin durmuş ähmiýetli taslamalary işläp taýýarlamak;
- demokartik, hukuk döwletiň berkararlygy, raýat jemgyýetiniň ösmegi ugrunda dolandyryş özgertmeleriniň amala aşyrylmagyna, döwlet dolandyryş edaralarynda ýokary hünär taýýarlykly hünärmenleriň taýýarlanmagyna ýardam bermek;
- Türkmenistanyň raýatlarynyň durmuş-ýaşaýyş derejesiniň yzygiderli ýokarlanmagy, hal-ýagdaýynyň gowulanmagy, täsirli durmuş syýasatynyň alnyp barylmagy üçin şertleriň döredilmegine ýardam bermek;
- ýaşlaryň beden, hünär, ruhy taýdan ösüşine gönükdirilen işjeň ýaşlar syýasatynyň durmuşa geçirilmegi we olaryň döwlet we jemgyýetçilik durmuşynda mynasyp orun almaklary ugrunda geçirilýän çärelere gatnaşmak;
- milli ylmyň, medeniýetiň, bilimiň, saglygy goraýyşyň, bedenterbiýäniň we sportyň halkara derejesinde ösmegi üçin şertleriň döredilmegine ýardam bermek;
- türkmen halkynyň watansöýüjülik, milli däp-dessurlaryna hormat goýmak, ruhy we maşgala gymmatlyklarynyň berkemegi, eneligi we çagalary goldamak ýaly ýörelgeleriniň berkemegi we ösdürilmegi barada wagyz-nesihat çärelerini geçirmek;
- Türkmenistanyň halkara abraýynyň berkemegine, halkara ykdysady taslamalaryna telekeçileriň gatnaşmagyna ýardam bermek.

**8**. Maksatnamasynda we Tertipnamasynda bellenilen maksatlary we wezipeleri durmuşa geçirmekde Partiýanyň we onuň guramalarynyň işiniň esasy ugurlary şulardan ybaratdyr:
- Partiýanyň Maksatnamasyny wagyz etmek;
- senagatçylyk we telekeçilik bilen baglanyşykly ugurlarda zähmet çekýänleriň isleglerini we talaplaryny öwrenmek, ilatyň pikirini öwrenmek;
- ýurdumyzda hususy telekeçiligi ösdürmek syýasatyna degişli wajyp meseleleriň işlenip taýýarlanmagyna gatnaşmak;
- beýleki syýasy partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri hem-de beýleki gyzyklanýan taraplar bilen özara gatnaşyklary ýola goýmak we hyzmatdaşlyk etmek, maslahatlary, duşuşyklary, seminarlary, ýygnaklary we beýleki bilelikdäki çäreleri geçirmek;
- kanunçylyga, Partiýanyň Tertipnamasyna we Maksatnamasyna laýyklykda neşir işlerini alyp barmak.

## IV. Partiýanyň hukuklary we borçlary.

**9. Partiýanyň hukuklary:**
- Türkmenistanyň Konstitusiýasyna, “Syýasy partiýalar hakyndaky” Türkmenistanyň Kanunyna we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryna laýyklykda öz işini erkin alyp barmaga;
- alyp barýan işi hakynda habarlary açyk ýaýratmaga, garaýşyny, maksatlaryny we wezipelerini erkin wagyz etmäge;

- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda döwlet häkimiýeti edaralarynda we öz-özüňi doladyryş edaralaryna geçirilýän saýlawlara we sala salşyklara gatnaşmaga, şol sanda Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynda dalaşgärleri hödürlemäge we saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işlerini gurnamaga;
- saýlawlar we sala salşyklar geçirlende öz wekilleriniň üsti bilen saýlawlarda ses berlişiniň gurnalyşyna we geçirilişine, sesler sanalanda we saýlaw toparynyň beýleki işlerini alyp barşyna syn etmäge, saýlawlaryň we sala salşyklaryň netijeleri boýunça sesleriň jemi jemlenende we netijeleri yglan edilende syn etmäge;
- bellenilen tertipde döwlet häkimiýet we ýerli öz özüňi dolandyryş edaralarynyň emele gelmegine gatnaşmaga, kanunçykaryjy häkimiýet edarasynda, ýerli häkimiýetiň wekilçilikli edarasynda, öz-özüňi dolandyryş edaralarynda Partiýanyň agzalaryndan ybarat bolan partiýa toparlaryny döretmäge;
- kanunçylykda bellenilen tertipde döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň kararlarynyň taýýarlanylmagyna gatnaşmaga;
- jemgyýetçilik durmuşuna degişli dürli meselelere degişli başlangyçlar bilen çykyş etmäge;
- kanunçylyk esasynda bellenilen tertipde döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary tarapyndan kararlaryň, maksatnamalaryň işlenip düzülmegi boýunça teklipleri girizmäge;
- öz guramalaryny we düzüm birliklerini döretmäge, üýtgedip gurmaga we olaryň işini bes etmäge;
- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen tertipde ýygnaklary, ýygnanyşyklary, ýörişleri we beýleki köpçülikleýin çäreleri guramaga we geçirmäge;
- bellenilen tertipde neşir we habar beriş serişdelerini döretmäge we neşirýat işini alyp barmaga, syýasy-terbiýeçilik çärelerini geçirmäge;
- kanunçylyk bilen bellenilen tertipde Partiýanyň we onuň agzalarynyň hukuklaryny we kanuny bähbitlerini goramaga, şeýle hem olaryň bähbitlerine döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda wekilçilik etmäge;
- Partiýanyň işinde aýratyn tapawutlanan işgärlerini, işjeň partiýa agzalaryny Türkmenistanyň Döwlet sylaglaryna we hormatly atlaryna hödürlemäge, maddy taýdan höweslendirmäge;

**10. Partiýanyň borçlary:**

- alyp barýan işinde Türkmenistanyň Konstitusiýasyny, kanunlaryny we Türkmenistanyň beýleki kadalaşdyryjy hukuk namalaryny hem-de şu Tertipnamada görkezilen borçlary berjaý etmäge;
- guramalary boýunça agzalarynyň sany, hemişelik hereket edýän edarasynyň ýerleşýän ýeri we salgysy baradaky habary, hödürlenen we bellige alnan dalaşgärler baradaky maglumatlary, degişli saýlaw topary tarapyndan

tassyklanan saýlawyň jemi boýunça teswirnamanyň göçürilen nusgasyny hem-de ýolbaşçylary baradaky maglumatlary bellenilen möhletde Türkmenistanyň Adalat ministirligine bermäge;
- özüniň guramalary we düzüm birlikleri tarapyndan geçirilýän açyk ýygnaklara we beýleki çärelere Türkmenistanyň Adalat ministirliginiň wekillerini çagyrmaga;
- saýlawlarda dalaşgär hödürlemek boýunça çäreleriň geçirilýändigi barada degişli saýlaw toparlaryny öz wagtynda habarly etmäge, olaryň wekillerini görkezilen çärelere çagyrmaga;
- Türkmenistanyň kanunçylygynda bellenilen möhletlerde maliýe işleri baradaky hasabatlary döwlet edarasyna bermäge.
**11.** Partiýa, onuň guramalary we düzüm birlikleri, şeýle hem olaryň wezipeli adamlary öz işlerinde şahsyýetiň, jemgyýetiň we döwletiň bähbitleriniň, eýeçiligiň we jemgyýetçilik tertibiniň goralmagy, parahatçylygyň we howpsuzlygyň üpjün edilmegi üçin jogapkärdir.

## V. Partiýada agzalyk, agzalaryň hukuklary we borçlary.

**12.** Partiýanyň Tertipnamasyny we Maksatnamasyny goldaýan, 18 ýaşyna ýeten Türkmenistanyň raýaty partiýanyň agzasy bolup biler.
**13.** Partiýa agzalygyna kabul etmek partiýa hataryna girjek raýatyň arzasy boýunça ilkinji partiýa guramanyň ýygnagynda seredilýär. Eger ýygnaga gatnaşýan partiýa agzalarynyň ýarysyndan köpüsi tarapdar bolup ses berse, onda ol raýat partiýa agzalygyna kabul edilýär we oňa partiýa bileti gowşurylýar.

Partiýadaky agzalyk aşakdaky ýagdaýlarda bes edilýär:
- şahsy islegi esasynda partiýa agzalygyndan meýletin çykanda;
- partiýanyň agzalarynyň hataryndan çykarylanda;
- partiýadan çykyp giden hasap edilende.
**14.** Partiýanyň agzasy ilkinji partiýa guramasynyň karary bilen, partiýanyň Tertipnamasyna, Maksatnamasyna ters gelýän hereketleri edende partiýanyň hataryndan çykarylyp bilner.
**15.** Partiýadan çykarylan adamyň partiýanyň ýokary guramalaryna arz-şikaýat etmäge hukugy bardyr. Partiýadan çykarylan adam umumy esaslarda partiýa gaýtadan dikeldilip biliner.
**16. Partiýa agzasynyň hukuklary:**
- Partiýanyň gurultaýlaryna, maslahatlaryna, ýolbaşçy we gözegçilik-derňew toparlarynyň edaralaryna saýlamaga we saýlanmaga, şeýle hem partiýanyň işine gatnaşmak;
- döwlet häkimiýet we öz-özüňi dolandyryş edaralarynyň agzalygyna saýlawlar geçirilende dalaşgär hödürlemäge, şol sanda özüni hödürlemäge;

- Partiýanyň Tertipnamasynyň, Maksatnamasynyň we ýolbaşçy edaralarynyň hem-de guramalarynyň kararlarynyň taslamalaryny taýýarlanylmagyna gatnaşmak;
- Partiýanyň işine degişli islendik meseläniň ara alnyp maslahatlaşylmagyna gatnaşmaga we öz pikirini erkin beýan etmäge hem-de öz tekliplerini bermäge;
- saýlawlar geçirilende Partiýanyň goldawyndan peýdalanmaga;
- döwlet häkimiýet we ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralarynda öz hukuklarynyň we kanuny bähbitleriniň goralmagy barada kömek sorap Partiýa we onuň guramalaryna ýüz tutmaga;
- özüniň hasapda duran partiýa guramasyndan maglumat almaga, olara arza-şikaýat, teklip, syýasy başlangyç bilen ýüz tutmaga we anyk jogap almaga;

**17. Partiýa agzasynyň borçlary:**

- Partiýanyň Tertipnamasynyň talaplaryny berjaý etmek we Maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegine ýardam bermek;
- özüniň syýasy, ahlak, ruhy-medeni düşünjeligini, şahsy göreldesini, partiýanyň abraýyny pugtalandyrmaga gönükdirmek;
- Partiýanyň ýolbaşçy edaralarynyň kararlaryny ýerine ýetirmek, partiýa tabşyryklaryny ýerine ýetirmek;
- Partiýanyň haýsy hem bolsa bir ilkinji guramasynda hasapda durmak, hemişe onuň abraýynyň ýokary galmagyna ýardam bermek;
- Partiýanyň Tertipnamasyna we Maksatnamasyna laýyklykda we onuň guramalarynyň başlangyçlary bilen geçirilýän syýasy hem-de beýleki çärelere gatnaşmak;
- Partiýa agzalyk töleglerini tölemek;

## VI. Partiýa guramalary we düzüm birlikleri şulardan ybaratdyr.

**18. Partiýanyň içerki işiniň esasy ýörelgeleri:**

- Partiýanyň ýolbaşçy edaralarynyň saýlawly bolmagy;
- Partiýanyň saýlawly edaralarynyň döwürleýin hasabatlylygy;
- meseleleriň köpçüligiň pikiri öwrenilip çözülmegi;
- öz borçlaryny ýerine ýetirmekde her bir agzasynyň şahsy jogapkärçiligi;
- ýokarda duran edaralaryň kararlarynyň aşakdaky edaralaryň ýerine ýetirmegi üçin hökmanylygy;

**19.** Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy öz işini dolandyryş-çäk bölünişigine laýyklykda amala aşyrýar.

**20. Ilkinji partiýa guramalary.**

Partiýasynyň esasy düzüm birligi onuň ilkinji partiýa guramalarydyr (mundan beýläk – Ilkinji gurama). Ilkinji gurama eýeçiligiň görnüşlerine garamazdan kärhanalarda, guramalarda, ýörite orta we ýokary okuw mekdeplerinde döredilýär. Ilkinji gurama kärhanada 5(bäş) partiýa agzasyndan az bolmadyk ýagdaýda umumy ýygnagyň karary bilen döredilip bilner. Ilkinji guramanyň

döredilmegi özüniň umumy ýygnagynyň beýany bilen resmileşdirilýär we kararyň göçürmesi ýokarda duran gurama iberilýär.

Ilkinji gurama öz işini Partiýanyň Tertipnamasyna we Maksatnamasyna laýyklykda alyp barýar.

Ilkinji gurama degişli çäkde (oba, şäherçe, şäher, etrap, welaýat) öz işini alyp barýan partiýanyň ýerli guramalarynyň düzümine girýär. Partiýanyň ýerli guramalarynyň ählisi şu Tertipnama esasynda hereket edýär. Ilkinji guramanyň ýokary ýolbaşçy edarasy onuň umumy ýygnagydyr.

Umumy ýygnak ilkinji guramanyň işine degişli islendik meselelere garamaga ygtyýarlydyr.

Umumy ýygnak ilkinji guramanyň başlygy tarapyndan çagyrylýar we her çärýekde azyndan 1(bir) gezek geçirilýär. Nobatdan daşary ýygnaklar ilkinji guramanyň başlygynyň başlangyçlary bilen ýa-da agzalarynyň azyndan üçden biriniň ýa-da ýokarda duran edaranyň talap etmegi boýunça çagyrylyp bilner.

Eger ilkinji guramanyň ýygnagyna guramanyň agzalarynyň ýarysyndan köpüsi gatnaşýan bolsa, ýygnak doly hukuklydyr. Kararlar, şol sanda ses bermek arkaly (açyk ýa-da ýapyk) kabul edilýän kararlar umumy ýygnaga gatnaşýan partiýanyň agzalarynyň köplügi bilen kabul edilýär.

Ýygnak partiýa guramanyň işiniň esasy ugurlaryny kesgitleýär.

**21. Ilkinji guramanyň umumy ýygnagy:**

- Partiýanyň agzalygyna kabul etmek, ondan çykarmak, agzalygyň ýatyrylmagy boýunça kararlary kabul edýär;
- ilkinji partiýa guramasynyň başlygyny, başlygynyň orunbasaryny saýlaýar we olaryň ygtyýarlyklaryny kesgitleýär;
- Partiyýanyň etrap, şäher, welaýat guramalarynyň maslahatlaryna wekilleri saýlaýar;
- ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralaryň agzalygyna geçirilýän saýlawlara partiýanyň wekillerini dalaşgär görkezýär;

**22.** Eger ilkinji guramanyň agzalarynyň sany 1 000 (bir müň) agzadan geçen ýagdaýynda, ýokarda duran guramanyň partiýa guramaçysy wezipesini açmaga hukugy bardyr.

**23.** Ilkinji guramanyň işi partiýanyň Tertipnamasyna we Maksatnamasyna laýyk gelmäýänligi ýüze çykarylanda, partiýanyň ýokarda duran guramasynyň karary bilen bes edilip bilner.

**24. Ilkinji gurama aşakdaky işleri ýerine ýetirýär:**

- Partiýanyň Maksatnamasyny durmuşa geçirmek we Tertipnamasynyň talaplaryny berjaý etmek;
- özüniň içeri partiýa işleri bilen baglanyşykly kararlary kabul etmek hem ýerine ýetirmek;
- saýlanan ýolbaşçylarynyň hasabatyny diňlemek, olaryň işine baha bermek;
- ýokarky partiýa guramalarynyň kararlarynyň taslamalaryny taýýarlamaga, ara alyp maslahatlaşmaga we amala aşyrmaga gatnaşmak;

- agzalyk töleglerini ýygnamak, toplanan serişdäni ýokary partiýa guramasynyň hasabyna geçirmek;
- ählihalk we ýerli saýlawlary, sala salşyklary taýýarlamaga hem-de geçirmäge işeňňir gatnaşmak;

**25.** Ilkinji guramanyň başlygy guramanyň gündelik işine ýolbaşçylyk edýär.

**26. Ilkinji guramanyň başlygy**:

- ýerli öz-özüňi dolandyryş we döwlet häkimiýet edaralarynda ilkinji gurama wekilçilik edýär;
- Ilkinji guramanyň umumy ýygnagynda öz işi barada hasabat berýär;
- Ilkinji guramanyň resminamalaryna gol çekýär;
- Ilkinji guramanyň iş meýilnamalaryny işläp taýýarlaýar;
- Ilkinji guramanyň umumy ýygnagy tarapyndan üstüne ýüklenen beýleki ygtyýarlyklary ýerine ýetirýär.

**27. Partiýanyň ýerli (etrap, şäher, şäherçe) komitetleri:**

Ilkinji guramalar Türkmenistanyň ýerli dolandyryş-çäk bölünişigine laýyklykda etrap, şäher, şäherçe, welaýat, Aşgabat şäher partiýa komitetlerine birleşýärler. Olar gündelik işlerini alyp barmakda özbaşdakdyrlar.

Etrap, şäher, şäherçe partiýa komitetleriniň ýokary ýolbaşçy edarasy olaryň plenumydyr (giňeldilen maslahaty). Plenum zerur bolan halatda, ýöne azyndan 2.5 ýylda bir gezek çagyrylýar. Plenum degişli partiýa agzalarynyň ýa-da Ilkinji guramanyň üçden bir böleginiň talap etmegi boýunça hem çagyrylyp bilner.

Etrap, şäher, şäherçe partiýa komitetleriniň plenumlaryna wekiller ilkinji guramanyň umumy ýygnaklarynda, welaýat partiýa konferensiýalaryna bolsa etrap, şäher, şäherçe partiýa plenumlarynda açyk ses bermek arkaly saýlanylýar. Saýlawlaryň tertibi we wekilçilik kadalary degişli partiýa komiteti tarapyndan kesgitlenýär.

**28. Partiýanyň ýerli komiteti:**

- ählihalk we ýerli saýlawlary, sala salşyklary taýýarlamaga we geçirmäge işeňňir gatnaşýar, saýlawly wezipelere partiýa agzalaryndan bolan dalaşgärleriň saýlanmaklaryna ýardam edýär;
- Partiýanyň ýerli komitetiniň iş meýilnamasyny işläp taýýarlaýar;

Partiýanyň ýerli komitetiniň plenumyny çagyrýar we onda serediljek meseleleri kesgitleýär;

- öz plenumynda partiýa komitetiniň müdiriýetini döredýär, olaryň düzümini kesgitleýär we tassyklaýar, partiýa komitetiniň bölümleriniň müdirlerini tassyklaýar;
- ýokary partiýa komitetleriň saýlawly ýolbaşçy edaralaryna dalaşgärleri görkezýär, olaryň saýlanmagyna ýardam edýär;
- öz çäklerinde içerki partiýa durmuşynyň we jemgyýetçilik-syýasy ýagdaýyň, partiýanyň maliýe-hojalyk işiniň meselelerini ara alyp maslahatlaşýar hem çözýär;

- toplanan pul serişdeleriniň kesgitlenen bölegini ýokarky partiýa guramasyna geçirýär.

Partiýa agzalarynyň hasabyny ýöredýär, partiýa biletlerini gowşurýar.

- ilkinji partiýa guramalaryny hasaba alýar, olaryň işini ugrukdyrýar, durmuş-ykdysady, terbiýeçilik we medeni meseleleri çözmekde olara kömek berýär;

- ilkinji partiýa guramalarynyň maglumatlaryny diňleýär, olaryň anyk wezipelerini kesgitleýär we belleýär, tejribelerini öwrenýär we ýaýradýar. Partiýa agzalarynyň arzalaryna, şikaýatlaryna garaýar.

**29. Partiýanyň ýerli komitetiniň plenumy:**

- Partiýanyň Tertipnamasyna we Maksatnamasyna laýyklykda partiýanyň ýerli komitetiniň syýasy, wagyz-nesihat, düşündiriş işine, içerki durmuşyna degişli bolan kararlary özbaşdak kabul edýär, partiýa işiniň anyk ugurlaryny hem-de wezipelerini kesgitleýär;
- Partiýanyň ýerli komitetiniň hasabatyny diňleýär;
- Partiýanyň ýerli komitetiniň gözegçilik-derňew toparynyň hasabatyny diňleýär we tassyklaýar;
- Partiýanyň ýerli komitetiniň düzümini, onuň Başlygyny, başlygyň orunbasaryny 2.5 ýyl möhlet bilen saýlaýar;
- Partiýanyň ýerli komitetiniň derňew toparynyň düzümini we onuň başlygyny 2.5 ýyl möhlet bilen saýlaýar;
- açyk ses bermek arkaly ýokarda durýan partiýa guramasynyň konferensiýasyna, partiýanyň gurultaýyna wekilleri saýlaýar.

**30.** Partiýanyň ýerli komitetleriniň Plenumyna guramanyň saýlanan wekilleriniň ýarysyndan köpüsi gatnaşýan bolsa, plenum doly hukuklydyr. Kararlar, şol sanda ses bermek arkaly (açyk, ýa-da ýapyk) kabul edilýän kararlar plenuma gatnaşýan wekilleriň köplügi bilen kabul edilýär.

**31.** Partiýanyň ýerli komitetiniň Plenumynyň arasyndaky döwürde onuň gündelik işine ýolbaşçylygy partiýanyň ýerli guramasynyň etrap, şäher, şäherçe komiteti alyp barýar.

**32. Partiýanyň Aşgabat şäher we welaýat komitetleri:**

- ilkinji guramalaryň, etrap we şäher, şäherçe partiýa komitetleriniň işini ugrukdyrýar hem kämilleşdirýär, durmuş-ykdysady, syýasy-guramaçylyk, terbiýeçilik we medeni wezipeleri çözmekde olaryň özara sazlaşykly işini üpjün edýär;
- Partiýa komitetleriniň we ilkinji guramalaryň tejribesini öwrenýär, olaryň işiniň kämilleşmegine kömek edýär.
- Partiýanyň işgärleriniň we partiýanyň işjeň agzalarynyň syýasy gözýetimi giňeltmek maksady bilen ýörite okuwlary gurnaýar.
- umumypartiýa resminamalarynyň taýýarlanmagyna we taslamalary teklip etmeklige gatnaşyp bilýärler, islendik saýlawly partiýa edarasynyň kararyna özüniň pikirini aýdyp bilýärler, gurnalan çekişmelere gatnaşyp bilýärler;
- Partiýanyň ýokardaky saýlawly edaralaryna dalaşgärleri teklip edýärler;

- Türkmenistanyň kanunçylygyna laýyklykda häkimiýet edaralaryna we öz-özüňi dolandyryş edaralaryna geçirilýän saýlawlara, şol sanda Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlarynda dalaşgärleri hödürleýär we saýlawlaryň öň ýanyndaky wagyz işlerini gurnaýar;
- Partiýa komitetiniň ýokary ýolbaşçy edarasy onuň konferensiýasydyr. Konferensiýa zerur bolan halatda, ýöne azyndan 5 ýylda bir gezek çagyrylýar. Konferensiýa degişli etrap, şäher, şäherçe komitetleriniň ýa-da ähli ilkinji guramanyň partiýa agzalarynyň üçden bir böleginiň talap etmegi boýunça hem çagyrylyp bilner.
- Partiýa komitetiniň konferensiýalaryna wekiller ilkinji guramanyň, etrap, şäher, şäherçe komitetleriniň maslahatlarynda açyk ses bermek arkaly saýlanylýar. Saýlawlaryň tertibi we wekilçilik kadalary degişli partiýa komiteti tarapyndan kesgitlenýär.

33. Partiýa komiteti kanunçylyk tarapyndan öz üstüne ýüklenen borçlary ýerine ýetirýär.

**34. Partiýanyň Aşgabat şäher we welaýat komiteti:**

- durmuş, ykdysady we beýleki ýerli ähmiýetli meseleleriň çözülmegi babatda kararlaryň işlenip taýýarlanmagyna we çözülmegine, agzalarynyň kanuny bähbitleriniň goralmagyna gatnaşýar;
- Partiýanyň Maksatnamalaýyn düzgünlerini, maksatlaryny, wezipelerini, ýokarky ýolbaşçy edaralaryň kabul edýän kararlaryny wagyz etmek we düşündirmek işlerini geçirýär;
- Partiýanyň täze agzalarynyň kabul edilmegi ugrunda iş alyp barýar;
- ählihalk we ýerli saýlawlary, sala salşyklary taýýarlamaga we geçirmäge işeňňir gatnaşýar, saýlawly wezipelere partiýa agzalaryndan bolan dalaşgärleriň saýlanmaklaryna ýardam edýär;
- Partiýanyň komitetiniň iş meýilnamasyny işläp taýýarlaýar;
- özüniň içerki partiýa işleri bilen baglanyşykly kararlary kabul edýär hem-de ýerine ýetirýär, göreldeli başlangyçlaryň öňbaşçysy bolup çykyş edýär;
- Partiýanyň komitetiniň maslahatyny çagyrýar we onda serediljek meseleleri kesgitleýär;
- öz konferensiýasynda partiýa komitetiniň müdiriýetini döredýär, olaryň düzümini kesgitleýär we tassyklaýar, partiýa komitetiniň bölümleriniň müdirlerini tassyklaýar;
- öz çäklerinde içerki partiýa durmuşynyň we jemgyýetçilik-syýasy ýagdaýyň, partiýanyň maliýe-hojalyk işiniň meselelerini ara alyp maslahatlaşýar hem çözýär;
- toplanan pul serişdeleriniň kesgitlenen bölegini ýokarky partiýa guramasyna geçirýär.
- Partiýa agzalarynyň hasabyny ýöredýär, partiýa biletlerini gowşurýar.

- etrap, şäher, şäherçe komitetlerini we ilkinji partiýa guramalaryny hasaba alýar, olaryň işini ugrukdyrýar;
- etrap, şäher, şäherçe komitetleriniň, ilkinji guramalarynyň maglumatlaryny diňleýär, olaryň anyk wezipelerini kesgitleýär we belleýär, tejribelerini öwrenýär we ýaýradýar. Partiýa agzalarynyň arzalaryna, şikaýatlaryna garaýar.

**35. Partiýanyň Aşgabat şäher we welaýat komitetiniň konferensiýasy:**

- Partiýanyň Tertipnamasyna we Maksatnamasyna laýyklykda partiýanyň ýerli komitetiniň syýasy, wagyz-nesihat, düşündiriş işine, içerki durmuşyna degişli bolan kararlary özbaşdak kabul edýär, partiýa işiniň anyk ugurlaryny hem-de wezipelerini kesgitleýär;
- Partiýa komitetiniň hasabatyny diňleýär;
- Partiýa komitetiniň müdiriýetini döredýär, olaryň düzümini kesgitleýär we 5 ýyl möhlet bilen saýlaýar;
- Partiýa komitetiniň başlygyny, onuň orunbasarlaryny saýlaýar we wezipesinden boşadýar, olaryň wezipelerini, hukuklaryny, borçlaryny kesgitläp tassyklaýar;
- Partiýa komitetiniň gözegçilik-derňew toparynyň hasabatyny diňleýär we tassyklaýar;
- Partiýa komitetiniň gözegçilik-derňew toparynyň düzümini we onuň başlygyny 5 ýyl möhlet bilen saýlaýar;
- açyk ses bermek arkaly ýokarda durýan partiýa komitetiniň maslahatyna, partiýanyň gurultaýyna wekilleri saýlaýar.
- Partiýa komitetiniň konferensiýasyna saýlanan wekilleriniň ýarysyndan köpüsi gatnaşýan bolsa, maslahat doly hukuklydyr. Kararlar, şol sanda ses bermek arkaly (açyk ýa-da ýapyk) kabul edilýän kararlar konferensiýa gatnaşýan wekilleriň köplügi bilen kabul edilýär.
- Partiýa komitetiniň maslahatlarynyň arasyndaky döwürde onuň gündelik işine ýolbaşçylygy partiýanyň Aşgabat şäher we welaýat komitetleri alyp barýarlar.

**36. Partiýanyň ýokary ýolbaşçy edarasy gurultaý.**

Partiýanyň ýokary ýolbaşçy edarasy gurultaýdyr, ol bäş ýylda azyndan bir gezek çagyrylýar.

Gurultaýyň wekilleriniň azyndan üçden iki bölegi oňa gatnaşýan bolsa, gurultaý doly hukukly hasap edilýär.

Gurultaý Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň Merkezi Geňeşi tarapyndan çagyrylýar. Gurultaýyň geçiriljek senesi, gün tertibi öňünden yglan edilýär, onuň wekilçilik düzgünlerini partiýanyň Merkezi Geňeşi tassyklaýar.

Zerur bolan halatda partiýanyň Merkezi Geňeşiniň karary bilen, şonuň ýaly-da, partiýa agzalarynyň ýa-da ähli ilkinji guramanyň üçden iki böleginiň talaby boýunça partiýanyň nobatdan daşary gurultaýy çagyrylyp bilner.

Gurultaýa wekiller partiýanyň ýerli guramalarynyň maslahatlarynda açyk ses bermek arkaly saýlanylýar.

**37. Partiýanyň gurultaýy:**
- Partiýanyň esasy wezipelerini we syýasatyny kesgitleýär;
- Partiýanyň Maksatnamasyny kabul edýär, Tertipnamasyny tassyklaýar hem-de olara üýtgetmeleri we goşmaçalary girizýär, partiýanyň işini üýtgedip gurmak ýa-da bes etmek hakynda kararlary kabul edýär;
- Partiýanyň Merkezi Geňeşiniň müdiriýetini döredýär, olaryň düzümini kesgitleýär we 5 ýyl möhlet bilen saýlaýar;
- Partiýanyň Merkezi Geňeşiniň başlygyny, onuň orunbasarlaryny saýlaýar we wezipesinden boşadýar, olaryň wezipelerini, hukuklaryny, borçlaryny kesgitläp tassyklaýar;
- Partiýanyň Merkezi gözegçilik-derňew toparyny we onuň başlygyny saýlaýar, onuň wezipelerini, hukuklaryny we borçlaryny kesgitläp tassyklaýar;
- Türkmenistanyň Prezidentiniň saýlawlaryna dalaşgäri hödürleýär;
- Partiýanyň Merkezi Geňeşiniň hasabatyny diňleýär, partiýanyň ýörelgelerini ara alyp maslahatlaşýar we kesgitleýär, degişli kararlary gurultaýa gatnaşýan wekilleriň üçden iki böleginiň ses bermegi bilen kabul edýär;
- beýleki partiýalar, jemgyýetçilik birleşikleri bilen hyzmatdaşlygyň, daşary ýurtlaryň partiýalary bilen gatnaşyklaryň esasy ugurlaryny kesgitleýär;
- Partiýanyň Merkezi derňew toparynyň hasabatyny diňleýär hem-de tassyklaýar;
- Partiýanyň maliýe-ykdysady ýagdaýyny, býujetini, onuň peýdalanylyşyny ara alyp maslahatlaşýar.
- Gurultaýda kabul edilen kararlaryň ähli partiýa guramalaryna we agzalaryna ýetirilmegi hökmanydyr.

**38. Partiýanyň Merkezi Geňeşi:**
- Partiýanyň Merkezi Geňeşi partiýanyň gurultaýlarynyň aralygyndaky döwürde işleýän merkezi partiýa edarasy bolup durýar;
- Merkezi Geňeşiň bölüm müdirlerini we jogapkär işgärlerini tassyklaýar, Merkezi Geňeşiň düzümine üýtgetmeler we goşmaçalar girizýär;
- ýerli partiýa guramalarynyň işini sazlaşykly ugrukdyrýar;
- Partiýanyň maliýe-hojalyk ýagdaýyny, onuň býujetini ara alyp maslahatlaşýar we tassyklaýar;
- Partiýa agzalarynyň tekliplerine, arzalaryna seredýär, olar boýunça degişli kararlary kabul edýär.
- zerur bolan mahalynda, ýöne azyndan ýylda bir gezek özüniň Maslahatyny çagyrýar;

Merkezi Geňeşiň maslahaty:
- täze kabul edilen ýa-da üýtgetmeleri we goşmaçalary girizilen Türkmenistanyň Kanunçylygy bilen bagly üýtgetmeleri we goşmaçalary Partiýanyň Maksatnamasyna, Tertipnamasyna girizýär;
- Partiýanyň Merkezi Geňeşiniň müdiriýetiniň, gözegçilik-derňew toparynyň agzalaryny açyk ses bermek arkaly saýlaýar we wezipesinden boşadýar;

- Partiýanyň Merkezi Geňeşiniň başlygynyň orunbasarlaryny açyk ses bermek arkaly saýlaýar we wezipesinden boşadýar;

**39. Partiýanyň Merkezi Geňeşiniň Başlygy.**

Partiýanyň diwanynyň, müdiriýetiniň, partiýanyň gündelik işini alyp barýar;

Partiýanyň ýolbaşçy edaralarynyň işiniň görnüşlerini we çözgütleri kabul etmegiň tertibini düzýär we tassyklaýar;

Ynanç haty bolmazdan Partiýanyň adyndan hereket edýär;

Döwlet we döwlete dahylsyz guramalar bilen we daşary ýurtlarda partiýanyň adyndan wekilçilik edýär;

Partiýanyň gurultaýyna, Merkezi Geňeşiň mejlislerine, Merkezi Geňeşiň maslahatyna, müdiriýetiniň ýygnaklaryna başlyklyk edýär;

Gurultaýyň kararlaryny tassyklaýar;

Partiýanyň ýolbaşçy işgärlerini işe belleýär we işden boşadýar;

Partiýa degişli ahli beýleki meseleleri çözýär;

40. Merkezi Geňeşiň Başlygynyň ýok wagty (iş saparynda, ýarawsyz mahaly) işi Merkezi Geňeşiň Başlygynyň tabşyrygy boýunça orunbasarlaryň biri alyp barýar.

**41. Partiýanyň gözegçilik-derňew topary.**

Partiýanyň ýerli guramalarynda Partiýanyň ýerli guramasynyň gözegçilik-derňew topary, umumylykda Partiýanyň Merkezi gözegçilik-derňew topary hereket edýär.

Partiýanyň gözegçilik-derňew toparlary özüniň azyndan ýylda 2 gezek geçirýän mejlislerinde partiýanyň maliýe-hojalyk işine, býujetiniň ýerine ýetirilişine, raýatlaryň arza-şikaýatlaryny seljermek we Partiýanyň içerki durmuşyna degişli beýleki meselelere, ýerli partiýa guramalarynyň gözegçilik-derňew toparlarynyň işine degişli meselelere seredýär.

## VII. Partiýanyň emlägi we maliýe serişdeleri.

42. Partiýa özüniň Tertipnamasynda bellenilen wezipeleri ýerine ýetirmek üçin partiýanyň guramalarynyň we düzüm birlikleriniň maliýe serişdelerini we beýleki emlägini dolandyrmak boýunça hukuklary, maliýe hasabatlylygynyň tertibini ýöredýär.

**43. Partiýanyň maliýe serişdeleri we eýeçiligi**

Partiýanyň Türkmenistanyň kanunçylygy bilen gadagan edilmedik gozgalýan we gozgalmaýan emläk edinmäge, serişdeleri, enjamlary, ulaglary we beýleki serişdeleri edinmäge hukugy bardyr. Şonuň ýaly-da partiýa gozgalýan we gozgalmaýan emlägi kärendesine almak hukugyna eýedir.

44. Partiýa pul we beýleki görnüşdäki emläklere eýeçilik hukugyna eýedir. Ýagny:

- Partiýa agzalarynyň agzalyk tölegleri;
- meýletin gatançlar we kömek pullary, yzyna gaýtarylmazdan ýa-da öwezini dolmazdan gelip gowuşýan serişdeler we emläkler;

- Partiýanyň Tertipnamasyna laýyklykda geçirilýän maslahatlardan, ylmy-amaly maslahatlardan, sergilerden, sport we beýleki çärelerden gelýän serişdeler;
- Partiýanyň telekeçilik we beýleki girdejili işlerinden, raýat-hukuk geleşiklerinden;

**45.** Her aýdaky agzalyk tölegi partiýa agzasynyň aýlyk zähmet hakyndan 1(bir) göterim möçberinde tölenýär. Partiýa agzasynyň aýlyk zähmet haky tassyklanmadyk ýagdaýynda, Türkmenistanda kesgitlenen iň pes zähmet hakynyň 1(bir) göterimine deň bolup, agzalaryň islegine görä her aýda, çärýekde, alty aýda bir gezek ýa-da ýylda bir gezek öňünden tölenip bilner.

**46.** Partiýanyň Ilkinji guramalary öz ýygnaklarynyň karary bilen agzalaryň özünde hasapda duran pensionerleri, wagtlaýyn işlemeýänleri, enelik rugsadyndakylary, talyplary, işe ýarawsyzlary, köp çagaly eneleri, beýleki maddy taýdan kynçylyk çekýänleri olaryň arzalary esasynda agzalyk tölegleriden boşadyp bilerler.

**47.** Agzalyk tölegleri ýygnamagyň we hasabyny ýöretmegiň tertibi Merkezi Geňeş tarapyndan tassyklanyar. Partiýanyň býujeti, onuň düzümi, oňa ilkinji guramalardan, ýerli guramalardan geçirilmeli serişdeleriň göwrümi, Partiýanyň býujetiniň ýerine ýetirilişi baradaky hasabat Partiýanyň Merkezi Geňeşi tarapyndan tassyklanylýar we guramalaryň dykgatyna ýetirilýär.

## VIII. Partiýanyň Tertipnamasyna we Maksatnamasyna üýgetmeler hem-de goşmaçalar girizmegiň tertibi.

**48.** Partiýanyň Tertipnamasyna we Maksatnamasyna üýgetmeler hem-de goşmaçalar girizmek hakyndaky karar Partiýanyň gurultaýynda, şeýle-de Merkezi Geňeşiň maslahatlarynda kabul edilýär. Bu baradaky karar gurultaýa, ýa-da Merkezi Geňeşiň maslahatlaryna gatnaşyjylaryň üçden iki böleginiň goldap ses bermegi bilen kabul edilýär.

## IX. Partiýanyň işiniň bes edilmeginiň tertibi.

**49.** Partiýanyň işi onuň bölünmeginiň, beýleki syýasy guramalar bilen birleşmeginiň ýa-da öz-özüni ýatyrmagynyň netijesinde bes edilip bilner. Şu mesele baradaky karar Partiýanyň gurultaýy tarapyndan kabul edilýär. Eger gurultaýyň wekilleriniň azyndan üçden iki bölegi şeýle karara tarapdar bolup ses berse, karar gutarnykly diýlip hasap edilýär.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy 2012-nji ýylyň 25-nji sentýabrynda Türkmenistanyň Adalat ministrligi tarapyndan döwlet belligine alyndy we onuň döwlet belligine alnandygy barada 003 belgili şahadatnama berildi.

Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasynyň üýtgetmeler we goşmaçalar girizilen Tertipnamasy 2023-nji ýylyň 24-nji fewralynda döwlet belligine alyndy.

16 (on alty) sahypa bagjyklanan we möhür bilen berkidilen.

**Halkara-hukuk gatnaşyklary müdirliginiň müdiri** **M.Hanow**

TÜRKMENISTANYŇ ADALAT MINISTRLIGI *
MINISTRY OF JUSTICE OF TURKMENISTAN *

SAHYPA BELGILENDI
WE BAGJYKLANDY
18 (on sekiz) sah